**2023-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň ene-atalar geňeşi hakynda DÜZGÜNNAMA

## 1. Umumy düzgünler

1.1. Bu Düzgünnama Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde öz-özüni dolandyryş organy bolup çykyş edýän ene-atalar geňeşiniň işini kadalaşdyrýar.

1.2. Ene-atalar geňeşiniň işi mekdep bilen maşgalanyň arasynda talyplara döwlet bilim standartlarynyň talaplaryna laýyklykda bilim hyzmatlaryny almak üçin döwlet tarapyndan kepillendirilen hukugy üpjün etmekden ybaratdyr.

1.3. Mekdebiň ene-atalar geňeşiniň maşgala ýardamy - demokratiýa we gumanizm ýörelgelerine, elýeterlilige, ähli umumy gymmatlyklaryň ileri tutulmagyna, raýatlyga, şahsyýetiň erkin ösmegine, özbaşdaklyga we dünýewi tebigata esaslanýar.

1.4. Ene-atalar geňeşi baradaky Düzgünnama mekdebiň umumy ene-atalar ýygnagynda kabul edilýär we mekdebiň buýrugy bilen güýje girýär. Bu Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaçalar edil şol tertipde amala aşyrylýar.

1.5. Ene-atalar geňeşine (mundan beýläk - geňeş diýilýär) başlyk ýolbaşçylyk edýär. Geňeş mekdebiň umumy ene-atalar ýygnagyna tabyndyr. Geňeşiň ygtyýarlyk möhleti 1 ýyl (geňeşiň agzalygyny her ýyl ikiden bir bölegi çalşyrylýar)

1.6. Geňeşiň işini utgaşdyrmak üçin direktoryň orunbasary onuň agzasy bolup çykyş edýär.

1.7. Geňeş öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň kanunçylygyna, döwlet häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň hukuk-kadalaşdyryjy resminamalaryna, mekdebiň Tertipnamasyna we şu Düzgünnama esaslanýar

1.8. Geňeşiň kararlary teklip beriji häsiýete eýe bolmak bilen, diňe direktoryň buýrugy esasynda kabul edilen kararlaryň çözgütleri ýerine ýetirilmegi hökmany bolup durýar.

## 2. Ene-atalar geňeşiniň esasy meseleleri

Ene-atalar geňeşiniň işiniň meseleleri şu aşakdakylardan ybarat:

2.1. Mekdepde okuw işini durmuşa geçirmekde maşgala, mekdep we jemgyýetçiligiň arasyndaky gatnaşyklary berkitmekden, olaryň agzybirligini, arabaglanşygyny we özara täsirini üpjün etmekden;

2.2. Bilim edarasynyň ýolbaşçylaryna ýardam bermekde:

- talyplaryň meýillerine, başarnyklaryna, gyzyklanmalaryna we saglyk ýagdaýyna laýyklykda öwretmek, terbiýelemek we ösdürmek üçin döredilen amatly şertleri kämilleşdirmekden;
- talyplaryň kanuny hukuklaryny we gyzyklanmalaryny goramakdan;
- mekdep boýunça geçirilýän çäreleri guramakdan we geçirmekden.

2.3. Mekdebe we maşgalalara ýardam bermekde:

- talyplarda okuw, özüňi medeniýetli alyp barmak, ene-ata we ýaşululara hormat goýmak babatynda jogapkärçiligi terbiýelemekden;
- ene-atalaryň konstitutsion borçlaryny ýerine ýetirmekde jogapkärçiligi emele getirmekden.

2.4. Mekdepde bilim alýan talyplaryň ene-atalary (kanuny wekilleri) bilen olaryň hukuklary we borçlary, maşgalada çagany ähli taraplaýyn terbiýelemegiň ähmiýeti dogrusynda düşündiriş işlerini geçirmekden.

## 3. Ene-atalar geňeşiniň işiniň esasy ugurlary

3.1. Ene-atalar geňeşi mekdebe aşakdaky ugurlar boýunça ýardam berýär:

- mekdebiň ösüş maksatnamasyny, okuw meýilnamasyny, okuw maksatnamalaryny işläp düzmäge gatnaşmak bilen hünär we goşmaça bilimleri durmuşa geçirmekde;

- çagalaryň maşgalalarda terbiýelenişiniň şertlerini öwrenmekde we gowulandyrmakda;

- mekdep emläklerine aýawly çemeleşilmeginde we arassaçylyk kadalarynyň saklanylmagynda.

3.2. Ene-atalar geňeşi aşakdaky ugurlar boýunça maşgalalara ýardam berýär:

- mekdebiň öňüni alyş toparynyň işine gatnaşmak bilen ene-atalaryň we talyplaryň ahlaksyz hereketlerine garşy göreşmekde, çagalaryň äsgermezlik we jenaýat etmek hereketlerine garşy göreşmekde;

- ene-atalaryň arasynda maşgala terbiýesiniň oňyn tejribesini wagyz etmekde we ene-atalaryň pedagogiki medeniýetini ýokarlandyrmakda;

- çagalary terbiýelemek meseleleri boýunça maslahatlary bermekde.

3.3. Ene-atalar geňeşi mekdebiň aşakdaky ugurlary boýunça alyp barýan işlerine işjeň gatnaşýar:

- talyplaryň saglygyny goramakda we berkitmekde, sagdyn durmuş endiklerini kemala getirmekde, çilim çekmekden we nas atmakdan saklanmakda, alkogolly içgilere, neşe serişdelerine, erbet sözlere we beýleki ýaramaz endiklere garşy göreşmekde;

- öz-özüňe hyzmat etmek endiklerini kemala getirmekde we ösdürmekde;

- mekdebiň däplerini döretmekde we berkitmekde, halk pedagogikasy esasynda maşgala terbiýesini gaýtadan dikeltmekde;

3.4. Ene-atalar geňeşi ene-atalary we jemgyýetçiligi mekdebiň durmuşyna, okuwdan daşary terbiýeçilik işlerine, talyplar bilen gezelençlere we sport çärelerine, talyplaryň gyzyklanma bildirýän ugurlary boýunça kružoklaryň döredilmegine işjeň gatnaşmaga çekýär.

## 4. Ene-atalar geňeşiniň hukuklary

Bu Düzgünnamada kesgitlenen ygtyýarlyklarynyň çäginde ene-atalar geňeşi aşakdaky hukuklara eýedir:

4.1. Bilim edarasynyň ýolbaşçylaryna we beýleki dolandyryş düzümine teklipleri bermäge we onuň netijeleri barada maglumatlary almaga.

4.2. Düşünişmek üçin bilim edarasyna ýüz tutmaga.

4.3. Bilim edarasynyň ýolbaşçylaryndan, beýleki dolandyryş düzüminden maglumat almaga we diňlemäge.

4.4. Ene-atalar geňeşiniň hünärler boýunça agzasy bolup durýan agzasynyň haýyşy boýunça ýygnagyna ene-atany (kanuny wekillerini) çagyrmaga.

4.5. Bilim edarasynyň içki kadalaşdyryjy Düzgünnamalaryny ara alyp maslahatlaşmaga.

4.6. Seredilýän meseleler boýunça düşündiriş işlerini geçirmäge we çäre görmäge.

4.7. Maşgalada çagalary terbiýelemekden boýun gaçyrýan ene-atalary köpçülikleýin ýazgarmaga.

4.8. Talyplaryň ene-atalaryny (kanuny wekillerini) geňeşiň işine işjeň gatnaşandygy, mekdep çärelerini geçirmekde ýardam berendigi we ş.m. üçin höweslendirmäge.

4.9. Geňeşiň agzasynyň ýolbaşçylygynda öz işini ýerine ýetirmek üçin hemişelik ýa-da wagtlaýyn toparlary (medeni-köpçülik çäreleri, hojalyk işleri, iýmitlenmek meseleleri boýunça) döretmäge.

4.10. Ene-atalaryň işi bilen baglanyşykly içki kadalaşdyryjy Düzgünnamalary işläp düzmäge we tassyklamaga.

4.11. Geňeşiň ygtyýarlygyndaky meseleler boýunça geňeşiň başlygynyň mekdepde geçirilýän mugallymlar geňeşiniň ýygnaklaryna gatnaşmaga.

## 5. Ene-atalar geňeşiniň jogapkärçiligi

Ene-atalar geňeşi jogap berýär:

5.1. Tassyklanan meýilnamasyny ýerine ýetirmäge.

5.2. Geňeşiň çözgütlerini we tekliplerini ýerine ýetirmäge.

5.3. Bilim edarasynyň ýolbaşçysy bilen ene-atalaryň (kanuny wekilleriniň) arasynda maşgala we jemgyýetçilik terbiýeçiligi babatynda özara düşünişmekligi guramaga.

5.4. Kanuna laýyklykda çözgütleri kabul etmäge;

5.5. Geňeşiň aýry-aýry agzalarynyň we geňeşiň özüniň hereketsizligine;

5.6. Geňeşiň işine gatnaşmaýan onuň agzasy geňeşiň başlygynyň teklibi boýunça ony saýlan agzalar tarapyndan yzyna çagyrylyp bilner.

## 6. Işini guramak

6.1. Ene-atalar geňeşi öz işini şu Düzgünnamanyň 3-nji bölümine laýyklykda alyp barýar.

6.2. Geňeşiň düzümi mekdebiň umumy ene-atalar ýygnagy tarapyndan, talyplaryň ene-atalarynyň wekilçiligini göz öňünde tutmak bilen, 24 adam möçberinde bir okuw ýyly üçin saýlanýar. Ol düzümden geňeşiň başlygy we kätibi saýlanýar.

6.3. Geňeş mekdebiň umumy ene-atalar ýygnagyny her ýarymýylda 1 gezek gurnaýar.

6.4. Geňeş okuw ýyly üçin iş meýilnamasyny işläp düzýär. Meýilnamanyň mazmuny mekdebiň öňünde durýan meseleler we işiniň aýratyn şertleri bilen kesgitlenýär. Mekdebiň ene-atalar geňeşi iş meýilnamasyny mekdebiň ýolbaşçysyna tassykladýar.

6.5. Geňeşde çözgüt ýönekeý sesleriň köplügi esasynda, onuň ýarysyndan köp agzasynyň gatnaşan ýagdaýynda kabul edilýär.

6.6. Geňeş mekdebiň umumy ene-atalar ýygnagyna mekdebiň direktoryny, topar ýolbaşçylaryny we mugallymlaryny gatnaşmaga çekýär.

## 7. Dolandyryş resminamalary

7.1. Geňeş öz ýygnaklarynyň we mekdep boýunça umumy ene-atalar ýygnagynyň beýanyny alyp barýar.

7.2. Beýanlar bilim edarasynyň kabulhanasynda saklanýar.

7.3. Geňeşiň resminamalarynyň ýöredilişine jogapkärçilik geňeşiň başlygyna ýa-da kätibine ýüklenýär.

## 8. Jemleýji düzgünler

Ene-atalar geňeşi:

8.1. Okuw-terbiýeçilik işlerini, talyplaryň boş wagtyny meýilleşdirmegi kämilleşdirmek boýunça mekdebiň direktoryna, mekdep geňeşine, mugallymlar geňeşine teklipleri berýär. Berilen teklipler degişli tertipde seredilýär we kabul edilen çözgüt ene-atalar geňeşiniň dykgatyna ýetirilýär.

8.2. Mekdep ýolbaşçylarynyň we topar ýolbaşçylarynyň mekdepde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy we geljegi hakynda hasabatlaryny diňleýär.

8.3. Talyplaryň arasynda düzgün bozmalaryň öňüni alýan toparyň işine gatnaşýar.

8.4. Medeni-köpçülik çäreleri, talyplary, mugallymlary we ene-atalary höweslendirmek maksady bilen pul fondyny döredýär.

8.5. Mekdebiň dolandyryş düzümi bilen bilelikde mekdebe ýardam bermek üçin ýerli organlara ýüz tutýar.